TÜRKMENISTANYŇ ZÄHMET
WE ILATY DURMUŞ
TAÝDAN GORAMAK
MINISTRLIGI

744000, Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 156-njy jaýy
Telefon: (+993 12) 39-48-05; Faks: (+993 12) 39-48-74
Elektron poçta: mlsp@online.tm

MINISTRY OF LABOUR AND
SOCIAL PROTECTION
OF POPULATION OF
TURKMENISTAN

156th building, Archabil avenue, Ashgabat city, 744000
Telephone: (+993 12) 39-48-05; Fax: (+993 12) 39-48-74
E-mail: mlsp@online.tm

«23» dekabr 2024 ý. № 05/3495

**Türkmenistanyň Kärdeşler
arkalaşyklarynyň Milli
merkeziniň başlygy
O.K.Berdiliýewa**

**Hormatly Oguljennet Kakadurdyýewna!**

Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, "Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn topar hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna we "Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn toparyň Dessuryna" laýyklykda işlenilip taýýarlanylan we Toparyň 2024-nji ýylyň 17-nji dekabrynda geçirilen 11-nji mejlisinde makullanan Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň we Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň arasynda 2025-2027-nji ýyllar üçin baglaşylan Baş ylalaşygyň, şeýle hem Durmuş zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn toparyň 2025-nji ýyl üçin Iş Meýilnamasynyň nusgalaryny işde peýdalanmak üçin iberýär.

Goşundy: 12 sahypa.

**Hormatlamak bilen,**

**Ministr** **M.Sylapow**

TÜRKMENISTANYŇ KÄRDEŞLER
ARKALAŞYKLARYNYŇ ...
Gelen № 1/2083
24 dekabr 24

**Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň we Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň arasynda 2025-2027-nji ýyllar üçin baglaşylan**

# BAŞ YLALAŞYK

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan ýörite ygtyýarly edilen döwlet edarasy bolan Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi, işgärleriň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goraýan jemgyýetçilik birleşigi – Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşygynyň Milli merkezi, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň adyndan Birleşme (mundan beýläk – Taraplar), Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Zähmet kodeksine, Türkmenistanyň Ilaty durmuş taýdan goramak hakynda kodeksine, “Ilatyň iş bilen üpjünçiligi hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna, “Döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna, “Durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn topar hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna esaslanyp, 2025-2027-nji ýyllarda Türkmenistanda durmuş-zähmet gatnaşyklary we olar bilen baglanyşykly ykdysady gatnaşyklary düzgünleşdirýän umumy ýörelgeleri kesgitleýän Baş ylalaşygy (mundan beýläk – Baş ylalaşyk) baglaşýarlar.

Taraplaryň arasynda üçtaraplaýyn gepleşikleri alyp barmak arkaly durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek, durmuş-ykdysady ösüşiň esasy ugurlary boýunça Taraplaryň bähbitlerini ylalaşmak hem-de durmuş-zähmet hyzmatdaşlygyň ulgamyny döretmek, zähmet jedellerini çözmäge gatnaşmak, zähmet we onuň bilen baglanşykly durmuş-ykdysady, raýatlaryň durmuş kepilliklerini üpjün etmäge, ilatyň kömege mätäç toparlarynyň durmuş taýdan goraglylygyny ýokarlandyrmaga gatnaşmak, ykdysadyýetiň durnukly ösüşine görä zähmetkeşleriň girdejileriniň artdyrylmagyna ýardam bermek hem-de Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň Milli maksatnamalaryny durmuşa geçirmek, ilatyň iş bilen üpjünçiligi we durmuş goraglylygy çygryndaky meseleleriň durmuşa geçirilmegine ýardam bermek Baş ylalaşygyň esasy maksadydyr.

Zähmeti guramak we oňa hak tölemek, durmuş kepilliklerini bellemek, hakyna tutma zähmeti ulanmak, önümçiligiň netijeliligini we howpsuzlygyny üpjün etmek, zähmet jedellerini aradan aýyrmak bilen baglanyşykly zähmet gatnaşyklarynda ýüze çykýan meseleleri düzgünleşdirmek, işgärleriň bähbitlerini goramak Baş ylalaşygyň esasy wezipesidir.

Taraplar Baş ylalaşykda göz öňünde tutulan wezipeler amala aşyrylanda Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň milli maksatlaryna ýetmegi, döwlet meýilnamalaryny we ýurduň ösüş meýilnamalaryny durmuşa geçirmegi we olara gözegçilik etmek üçin çäreleri işläp düzmäge we durmuşa geçirmäge gatnaşmagy zerur hasaplaýarlar.

Taraplar Türkmenistanyň durmuş-zähmet gatnaşyklary çygryndaky kanunlarynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hem-de zähmet gatnaşyklary, ilatyň iş bilen üpjünçiligi, zähmet şertleriniň gowulandyrylmagy, zähmeti goramak we durmuş goraglylygy çygryndaky döwlet maksatnamalarynyň taslamalarynyň işlenip taýýarlanylmagyna gatnaşmagy we kabul edilen maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşykly meseleler boýunça maslahatlary geçirmegi möhüm hasaplaýarlar.

Taraplar Halkara Zähmet guramasynyň birleşmek we köpçülikleýin şertnama baglaşmak hukugy, zähmet gatnaşyklarynda hukuk kemsidilmäni gadagan etmek, mejbury ýa-da hökmany zähmeti gadagan etmek we beýlekiler baradaky ynsanperwer ýörelgelerini öňe sürmäge borçlanýarlar.

Taraplar Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň netijeliligini ýokarlandyrmak we içerki islegi höweslendirmek arkaly ilatyň hal-ýagdaýyny, işgärleriň durmuş taýdan goraglylygyny ýokarlandyrmagy Baş ylalaşygyň esasy maksady hökmünde ykrar edýärler.

Taraplar mynasyp zähmet, durmuş taýdan goraglylyk, adalatlylyk we jogapkärçilik ýörelgelerini durmuşa ornaşdyrmak arkaly zähmet çygrynda Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan durmuş hyzmatdaşlygyň ornuny ýokarlandyrmaga goşandyny goşýan adam mümkinçiliginiň ösmegine we ýokarlanmagyna gönükdirilen syýasaty ýöretmegi maksat edinýärler.

Taraplar Türkmenistanyň Hökümeti bilen Halkara Zähmet guramasynyň arasynda hyzmatdaşlyk etmek boýunça çäreleriň 2024-2025-nji ýyllar üçin “Ýol kartasynda” bellenen degişli çäreleriň öz wagtynda we ýokary hilli ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen bu ugurda geçirilmeli işleri geljekde hem bilelikde amala aşyrmagy göz öňünde tutuýarlar.

## I Bap. Ykdysady syýasat meseleleri

Taraplar ykdysadyýetiň durnukly ösmegi üçin şertleri döretmek we onuň pudaklarynyň ykdysady ýagdaýyny berkitmek üçin ykdysady we durmuş syýasatynyň şu maksatlara gönükdirilmelidigi barada ylalaşdylar we aşakdakylary ýerine ýetirmek barada öz üstlerine şu borçnamalary alýarlar:

1) kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek we goldamak üçin döwlet maksatnamalarynyň we meýilnamalarynyň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşmak;

2) sebitleriň durmuş-ykdysady ösüşiniň innowasion ýoluny üpjün etmek üçin ýokary tehnologiýaly iş orunlarynyň döredilmegine gatnaşmak;

3) BMG-niň “Dünýämizi özgertmek: 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüşiň gün tertibi” atly kararnamasy bilen tassyklanan 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Durnukly Ösüş Maksatlaryna ýetmäge goşant goşmak;

4) içerki önümçiligi ösdürmek;

5) kärdeşler arkalaşyklarynyň we iş berijileriň birleşikleriniň ýurduň ykdysadyýetini ösdürmekde ähmiýetini ýokarlandyrmak;

6) milli ykdysadyýetiň bäsleşige ukyplylygyny üpjün etmeklige we ýokarlandyrmaklyga gatnaşmak;

7) pes netijeliligi bolan pudaklaryň infrastrukturasyny döwrebaplaşdyrmaga goşant goşmak;

8) içerki we daşary ýurt maýa goýumlary üçin şertleriň döredilmegine ýardam bermek;

9) ýurduň azyk howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen oba hojalygyny ösdürmäge gatnaşmak;

10) içerki önüm öndürijileriň önümleriniň we hyzmatlarynyň elýeterliligini ýokarlandyrmak, esasy pudaklarda we oba hojalygynda importyň ornuny tutmak baradaky maksatnamalaryny durmuşa geçirmek arkaly içerki bazaryň goralmagyny üpjün etmek;

11) Taraplaryň ygtyýarly edaralarda ykdysady we durmuş syýasatynyň meseleleri boýunça kanunçylyk namalarynyň taslamalarynyň taýýarlanmagyna we ara alnyp maslahatlaşmagyna gatnaşmagyny üpjün etmek.

## II Bap. Durmuş syýasaty meseleleri

### 1. Ilatyň zähmet haky, girdejileri we ýaşaýyş derejesi

Taraplar işgärleriň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen olaryň mynasyp işlemegi üçin zähmetiň amatly, howpsuz we sagdyn şertlerini üpjün etmek, zähmet hukuklarynyň döwlet kepillendirmelerini bellemek, deň gymmaty bolan zähmet üçin deň töleg etmek, zähmet hakyny yzygiderli ýokarlandyrmak üçin çäreleri görmegi zerur hasaplaýarlar we şu maksatlara ýetmek üçin aşakdakylary ýerine ýetirmek barada öz üstlerine şu borçnamalary alýarlar:

1) işgäriň zähmet çekmäge bolan konstitusion hukugyny üpjün etmek üçin çäreleri durmuşa geçirmek;

2) işgärleriň we olaryň maşgala agzalarynyň mynasyp durmuş derejesini üpjün etmäge gönükdirilen döwletiň zähmete hak tölemek babatyndaky kepilliklerini durmuşa geçirmegi üpjün etmek;

3) ýokary öndürijilikli işe itergi berýän täsirli we çeýe hak tölemek ulgamlaryny ulanmak;

4) ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda işleýän birmeňzeş hünärli işgärleriň wezipe aýlyk zähmet haklarynyň möçberlerini (tarif möçberlerini) bir kada getirmek maksady bilen, olaryň pudaklar boýunça deňeçerlikde bellenilmegini üpjün etmäge gönükdirilen döwlet syýasatyny alyp barmak;

5) iş beriji tarapyndan kepillendirilen zähmet hakynyň möçberini Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen iň pes zähmet hakynyň möçberinden pes bolmadyk derejede kesgitlemek;

6) erkekler we aýallar babatynda deň gymmaty bolan zähmet üçin deň töleg tölemek ýörelgesiniň bozulmagyny ýüze çykarmak, ýok etmek we öňüni almak;

7) işgäriň döwlet ýa-da jemgyýetçilik borçlaryny iş wagtynda ýerine ýetiren halatynda Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda onuň iş ýerini (wezipesini) we ortaça zähmet hakyny saklamak;

8) işgärlere durmuş-zähmet hukuklarynyň we kepillikleriniň berilmegini üpjün etmek, şol sanda kärhananyň guramaçylyk we hukuk görnüşi üýtgedilende, üýtgedip gurlanda, ýatyrlanda, kärhananyň edara tabynlygy (garaşlylygy) üýtgände, kärhana kärendesine berlende ýa-da kärhananyň eýesi çalşanda zähmet hakynyň öz wagtynda we doly möçberde tölenmegini üpjün etmek;

9) işgäriň zähmet hakyny zähmetiň mukdaryna we hiline, ýerine ýetirilýän işiň çylşyrymlylygyna laýyklykda bellenilmegini üpjün etmek;

10) zähmet hakynyň, rugsatlaryň hem-de ulanylmadyk rugsatlaryň öwezini doluş pullarynyň töleglerini, işden çykylanda berilýän kömek pulunyň töleglerini Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan möhletlerde töletdirmek boýunça işleri utgaşdyrmak;

11) işgärleriň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulanmagyny, durmuş derejesiniň ýokarlanmagyny gazanmak üçin zähmet haklarynyň möçberlerini ýokarlandyrmak boýunça teklipleri işläp taýýarlamak we zähmet haklarynyň tölegi bilen baglanyşykly meseleler babatynda döwlet durmuş kepillendirmeleriniň üpjün edilmegini gazanmak.

## 2. Durmuş goraglylygy we durmuş kepillikleri

Taraplar ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny ýokarlandyrmak we ýaşaýyş-durmuş derejesiniň durnuklylygyny, abadançylygyny üpjün etmek maksady bilen durmuş kömegini bermek boýunça çäreleri dowam etdirmek barada ylalaşdylar we şu maksatlara ýetmek üçin aşakdakylary ýerine ýetirmek barada öz üstlerine şu borçnamalary alýarlar:

1) işgärler üçin zähmeti guramagyň we tehniki howpsuzlygyň döwlet standartlarda göz öňünde tutulan şertlerine, sanitariýanyň we arassaçylygyň, köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) talaplaryna laýyk gelýän iş ornuny üpjün etmek;

2) zyýanly we (ýa-da) howply (aýratyn zyýanly we (ýa-da) aýratyn howply) zähmet şertleri bolan işlerde işleýän işgärleriň saglygyny we işe ukyplylygyny goramak maksady bilen Türkmenistanyň Zähmet kodeksinde göz öňünde tutulan talaplaryň ýerine ýetirilişini üpjün etmek we bu babatda degişli teklipleri işläp taýýarlamak;

3) köpçülikleýin şertnamalarda (ylalaşyklarda) zyýanly we (ýa-da) howply (aýratyn zyýanly we (ýa-da) aýratyn howply) zähmet şertleri bolan işlerde işleýän işgärleriň zähmetiniň goraglylygyny we olaryň öwezini dolmalara bolan hukuklaryny üpjün etmek meselelerine seretmek;

4) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, işgäriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly onuň janyna, saglygyna ýa-da emlägine ýetirilen zyýanyň (zeleliň) öweziniň dolunmagyna bolan hukuklaryny goramak barada meselelere seretmek;

5) işgärleriň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasyna we durmuş üpjünçiligine bolan hukuklaryny goramak;

6) maýyplygy bolan adamlaryň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmek we olaryň jemgyýetçilik durmuşyna gatnaşmagy üçin şertleri döretmek;

7) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde işgärleriň döwlet pensiýa ätiýaçlandyrmasyny, şeýle hem saglygy goraýyş ätiýaçlandyrmasyny üpjün etmek;

8) maýyplygy bolan adamlary iş bilen üpjün etmek, maýyplygy bolan adamlar üçin ýöriteleşdirilen iş ýerlerini döretmek üçin paýy bellemek hem-de onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;

9) maýyplygy bolan adamlaryň jemgyýetçilik we önümçilik binalaryna, desgalara baryp bilmekleri üçin şertleri döretmäge gatnaşmak;

10) howandarlyga mätäç çagalaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga gönükdirilen we olaryň sagdyn ösmegi, terbiýelenmegi, bilim almagy, saglygyny berkitmegi we jemgyýetde özbaşdak durmuşa taýýarlanmagy üçin şertleriň üpjün edilmegi barada alnyp barylýan döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegine gatnaşmak.

### 3. Zähmet bazary, ilatyň iş bilen üpjünçiligi we işgärleri hünär taýdan taýýarlamak

Taraplar zähmet bazaryny ösdürmek we ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmak barada ylalaşdylar we şu maksatlara ýetmek üçin aşakdakylary ýerine ýetirmek barada öz üstlerine şu borçnamalary alýarlar:

1) ilatyň iş bilen üpjünçiligi çygryndaky döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek;

2) täze iş orunlarynyň (şol sanda maýyplygy bolan adamlar we döwletiň goldawyna mätäç beýleki adamlar üçin) döredilmeginiň höweslendirilmegine gönükdirilen ykdysady, maliýe, salgyt we maýa goýum syýasatyny durmuşa geçirmäge gatnaşmak;

3) bilim ulgamyny zähmet bazarynyň islegine we Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň geljegine laýyklykda işgärleriň taýýarlanylmagyna ugrukdyrmak;

4) raýatlaryň zähmet işjeňligini we telekeçilik işi bilen bagly başlangyçlaryny goldamak, olary öndürijilikli we döredijilikli zähmete bolan ukyplarynyň ösdürilmegi üçin şertleri döretmek;

5) döwletiň goldawyna mätäç adamlaryň işe ýerleşdirilmegi üçin şertleri döretmek;

6) döwlet edaralarynyň ilatyň iş bilen üpjünçiligine gönükdirilen çäreleriniň işlenilip düzülmegi we durmuşa geçirilmegi boýunça işiniň utgaşdyrylmagyny hem-de olaryň ýerine ýetirilmegine gözegçiligi amala aşyrmak;

7) hünär isleglerini, şahsy gyzyklanmalary we zähmet bazarynyň zerurlyklaryny göz öňünde tutup, raýatlara hünär saýlamakda, hünärini üýtgetmekde we hünär derejesini ýokarlandyrmakda ýardam bermek;

8) işgärleriň we iş gözleýän adamlaryň hünär taýýarlygyna, gaýtadan taýýarlygyna we hünäriniň ýokarlandyrylmagyna ýardam etmek;

9) maýyplygy bolan adamlaryň zähmetini ulanmak bilen bagly goşmaça iş orunlaryny döredýän kärhanalara ýeňillikleri bermek hakynda teklipleri işläp taýýarlamak;

10) maýyplygy bolan adamlary hünär taýdan dikeltmek maksady bilen,

saglygy goraýyş edaralaryň netijenamalaryna laýyklykda olary işe ýerleşdirmek boýunça jemgyýetçilik birleşikleri we beýleki guramalar bilen hyzmatdaşlygy amala aşyrmak.

## III Bap. Zähmeti goramak we zähmet şertleri

Taraplar işgärleriň zähmetiň sagdyn we howpsuz şertlerine, zähmeti guramagyň we tehniki howpsuzlygyň döwlet standartlarda göz öňünde tutulan şertlerine, sanitariýanyň we arassaçylygyň, köpçülikleýin şertnamanyň (ylalaşygyň) talaplaryna laýyk gelýän iş ornuna bolan hukuklaryny goramak, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygynyň zähmeti goramak baradaky talaplaryny we esas goýujy ýörelgelerini üpjün etmek maksady bilen öz üstüne şu borçnamalary alýarlar:

1) zähmeti goramak boýunça döwlet maksatnamalarynyň işlenip düzülmegine gatnaşmak;

2) zähmeti goramagy üpjün etmek baradaky kadalary, gollanmalary, düzgünnamalary we buýruklary işläp taýýarlamaga gatnaşmak;

3) kärhanalarda zähmeti goramak we tehniki howpsuzlyk babatynda okuw sapaklaryny geçmegi guramak;

4) kärhanalarda howpsuzlygyň we arassaçylygyň talaplaryna laýyk gelýän zähmet şertleriniň döredilmegini üpjün etmek;

5) zähmeti goramak boýunça çäreleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda zähmetiň şertlerine baha bermek maksady bilen iş orunlarynyň hünär synagyny geçirmek;

6) häzirki tehnologiki ösüş derejesini göz öňünde tutup, zähmeti goramak babatynda bar bolan kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döwrüň talabyna laýyklykda yzygider kämilleşdirmek boýunça hyzmatdaşlyk etmek;

7) Halkara zähmet kadalarynyň mazmunyny wagyz etmek maksady bilen edaralarda, kärhanalarda we guramalarda düşündiriş we wagyz işlerini geçirmek;

8) iş ýerinde zähmet şikesini ýa-da hünär kesellerini almakdan goramak, şeýle hem önümçilik hadysalarynyň öňüni almaga gönükdirilen öňüni alyş çäreleriniň durmuşa geçirilmegine ýardam bermek, betbagtçylykly hadysalaryň derňewine gatnaşmak, ekleýjiniň aradan çykmagy bilen baglanyşykly öwezi dolunmagyny gazanmak;

9) işgärleriň deslapky (zähmet şertnamasy baglaşylanda) we döwürleýin (işiň barşynda) lukmançylyk gözegçiligini guramak;

10) işgärleriň ömrüni we saglygyny gorap saklamak, heläkçilikli ýagdaýlaryň öňüni almak, şol sanda şeýle ýagdaýlar dörän halatynda heläkçilik çekenlere ilkinji kömegi bermek boýunça çäreleri guramak;

11) zyýanly we (ýa-da) howply (aýratyn zyýanly we (ýa-da) aýratyn howply) zähmet şertleri bolan işlerde, şeýle hem hapalanmak bilen baglanyşykly ýa-da aýratyn temperatura şertlerinde ýerine ýetirilýän işlerde işleýän işgärlere Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde tassyklanylýan kadalara laýyklykda hususy gorag serişdeleriniň, ýuwup aýyryan we zyýansyzlandyryan ýa-da ýokançsyzlandyryan serişdeleriň, şeýle hem ýörite egin-eşigiň, aýakgabyň we beýleki hususy gorag serişdeleriniň berilmegini üpjün etmek;

12) iş berijileriň, işgärleriň we döwlet edaralarynyň ýolbaşçylarynyň hukuk sowatlylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen bu ugurda yzygiderli toplumlaýyn işleri alyp barmak;

13) Halkara Zähmet guramasynyň konwensiýalaryny milli kanunçylyga ornaşdyrmak boýunça mümkinçilikleri öwrenmek.

## IV Bap. Durmuş hyzmatdaşlygy we taraplaryň ylalaşykda göz öňünde tutulan hereketlerini utgaşdyrmak

Taraplar Türkmenistanyň durmuş-zähmet gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek boýunça üçtaraplaýyn Toparyň işini kämilleşdirmek arkaly Taraplaryň arasynda durmuş hyzmatdaşlygy ulgamyny mundan beýläk-de ösdürmäge, netijeliligini ýokarlandyrmaga, döwlet edaralarynyň, iş berijileriň, zähmet we durmuş-ykdysady gatnaşyklary kadalaşdyrmak boýunça işgärleriň bähbitlerini sazlaşdyrmaga gönükdirilen çäreleri durmuşa geçirmek üçin öz üstüne şu borçnamalary alýarlar:

1) üçtaraplaýyn gepleşikleri alyp barmak arkaly durmuş gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek;

2) durmuş-ykdysady ösüşiň esasy ugurlary boýunca Taraplaryň bähbitlerini ylalaşmak;

3) Türkmenistanyň durmuş-zähmet gatnaşyklary çygryndaky kanunçylyk namalarynyň hem-de zähmet gatnaşyklary, ilatyň iş bilen üpjünçiligi we durmuş goraglylygy babatyndaky döwlet maksatnamalarynyň taslamalarynyň işlenip taýýarlanylmagy we kabul edilen maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşykly meseleler boýunça bilelikdäki maslahatlary geçirmek;

4) Baş ylalaşykda göz öňünde tutulan wezipeler bilen baglanyşykly meselelere seretmek;

5) durmuş-zähmet gatnaşyklary çygrynda degişli halkara guramalary we daşary ýurt döwletleriň guramalary bilen hyzmatdaşlygy dowam etdirmek;

6) durmuş-zähmet gatnaşyklary çygryndaky halkara resminamalarynyň tassyklanylmagy we ulanylmagy bilen baglanyşykly meseleler boýunça maslahatlary geçirmek;

7) Taraplaryň arasyndaky durmuş-zähmet hyzmatdaşlygyny Türkmenistan tarapyndan goşulyşylan Halkara Zähmet guramasynyň konwensiýalarynda göz öňünde tutulan ýörelgelere laýyklykda guramak;

8) iş berijileriň we işgärleriň arasynda zähmet kanunçylygynyň esaslaryny düşündirmek, gepleşikleri geçirmek we zähmet jedellerinde ylalaşyklary gazanmak barada bilelikdäki okuwlary geçirmek;

9) köpçülikleýin zähmet jedellerini çözmek, zähmet gatnaşyklaryndaky hukuk bozulmalaryna garşy çäre görmek;

10) eýeçiliginiň görnüşine garamazdan ýurdumyzyň ähli iş berijilerinde kärdeşler arkalaşyklarynyň ilkinji guramasynyň (zähmetkeşleriň meýletin wekilçilikli guramasynyň) döredilmegini, işgärleriň zähmet we onuň bilen baglanyşykly durmuş-ykdysady hukuklarynyň we bähbitleriniň goralmagyny, köpçülikleýin şertnamalarynyň baglaşylmagyny wagyz etmek;

11) birek-biregiň işine goşulmazlyk, halkara hukugynyň işgärleriň we iş berijileriň guramalarynyň döredilmegine we işlemegine päsgel bermezlik

baradaky umumy ykrar edilen kadalaryny we düzgünlerini berjaý etmegi kepillendirmek.

## V Bap. Jemleýji düzgünler

1. Baş ylalaşyk oňa taraplar tarapyndan gol çekilenden soň, 2025-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär we 2027-nji ýylyň 31-nji dekabry aralygynda hereket edýär.

2. Görkezilen möhlet gutarandan soň Taraplaryň Baş ylalaşygyň möhletini uzaltmaga ýa-da täze döwür üçin Baş ylalaşygy baglaşmaga hukugy bardyr.

3. Taraplaryň özara ylalaşygy bilen, Baş ylalaşyk Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň görkezijilerini we beýleki möhüm ýagdaýlary göz öňünde tutup üýtgedilip we goşmaça girizilip bilner.

4. Taraplaryň her biri öz ygtyýarlyklarynyň çäginde Baş ylalaşygyň ýerine ýetirilmegi üçin jogapkärdir.

| | | |
|---|---|---|
| **Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrliginiň adyndan:** | **Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň adyndan:** | **Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň adyndan:** |
| ________ M.B.Sylapow | ________ O.K.Berdiliýewa | ________ N.H.Atagulyýew |
| 20__ ________ 2024 ý. | 20__ ________ 2024 ý. | 20__ ________ 2024 ý. |